Türkmen halkynyň taryhynda atlaryň aýratyn orny bardyr. Türkmenler gadymyýetden bäri atlara uly hormat goýup, olary diňe bir ulag serişdesi däl, eýsem öz ruhunyň bir bölegi hökmünde kabul edipdirler. Milli at üstündäki oýunlar bolsa bu medeni mirasyň ajaýyp nusgasy bolup, halkyň döredijiligini, gaýduwsyzlygyny we birlik duýgusyny şöhlelendirýär.

Milli oýunlarda türkmen atlarynyň häsiýetleri we aýratynlyklary görkezilýär. Türkmen ahalteke atlary dünýä belli bolup, olaryň güýçlüligi, tizlikde we çeýeligi milli medeniýetiň buýsanjy bolup durýar. Bu atlar diňe bir ýaryşlarda däl, eýsem medeni çärelerde hem uly orun eýeleýär.

Oýunlar dürli görnüşli çapyşyklary, akrobatiki görkezmeleri we ata erk etmek ýaly çylşyrymly hereketleri öz içine alýar. Türkmen türgenleri bu oýunlarda öz ussatlyklaryny görkezýärler, atlar bilen sazlaşykly hereket edip, halkyň bu mirasa bolan buýsanjyny güýçlendirýärler. Çäreler diňe bir sport däl, eýsem sungatyň bir görnüşi hasaplanylýar.

Milli at üstündäki oýunlar diňe bir geçmişiň mirasy däl, eýsem geljegi gurmakda möhüm rol oýnaýar. Ýaş nesiller bu oýunlar arkaly öz medeniýetine hormat goýmagy öwrenýärler we türkmen halkynyň özboluşly mirasyny gorap saklaýarlar. Milli at üstündäki oýunlar türkmen halkyny dünýä sahnasynda tanatmakda esasy çäreleriň biri bolup durýar.

**Sähetgeldi BERDIÝEW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026